# Taliban goňşy boldy!

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Taliban goňşy boldy! TALIBAN GOŇŞY BOLDY!



Damask elden gitdi. Esad uçary bilen belkäm Russiýa, belkäm Eýrana jyryp barýardy. Uçary-da özi sürýärdi, uçary uruldy diýen habarlar ýaýrady. Näme üçindir dünýä muňa geň galjagam bolup durmady.
Russiýa kömege gelmedi. Eýran elini uzatmady. ABŞ tomaşa etdi. Fransiýa, Angliýa dymdy.
«Hizbullah» Damaskdan çykdy. 61 ýyllyk BAAS režimi 54 ýyllyk Esad maşgalasynyň döwri, 24 ýyllyk Beşar Esad hökümetinuň soňy geldi.
* * *

Esadyň we onuň kakasy Hafyz Esadyň Damaskdaky, Halapdaky

heýkelleri-de ýykylyp, bölek-bölek edildi. Esadyň köşgi talandy. Merkezi Banka çozuldy, iň soňky pullar torbalara salnyp gapanyň elinde galdy.
Siriýa goşuny duw-dagyn boldy. Türmeler boşadyldy.

* * *

Şeýle-de bolaýmaly.
Ýeňenler gylyçlarynyň ganyny ýeňilenleriň ak köýneklerine süpürýärler. Ýeňijiler Damaskyň «Emewi» metjidinde ertir namazyny okap, ýeňişlerinu tekbirler bilen gutladylar. Salýutlar atyldy. Ýeňijileriň serkerdesi HTŞ-niň başlygy YŞYD, El-Nusra, El-Kaide, Taliban ýaly toparlaryň kökünden güýç alan adam diýip tanalýar.
Taliban bize goňşy boldy!

* * *

Taliban kökünden çykanam bolsa, selledir donuny çykaryp zyňdy. Üýtgeşmeleri geçirjek ýaly bolup görünýär. Günbatarlylar ýaly geýnipdir. «Allanyň huzurynda we halkymyzyň öňünde şu sözi berýäris: Siriýada azat, adalatly we demokratik döwlet gurarys. Bu döwletde ähli watandaşlar deň bolar» diýdi.
Geçiş döwri başlady.

* *

Öňki Siriýa «Esad kowum-hyşynyň maşgala bolup dolandyran hökümetinde fransuzlaryň tiken köýnegini rus-eýran düwmeleri we diktator iligi bilen ilikläp» häzirki wagta çenli gelipdi. ABŞ «sen nämüçin biziň tiken köýnegimjzi rus-eýran düwmeleri bilen ilikleýärsiň» diýip, Esadyň soňuny taýýarlady. Siriýany üç böljek «agzyny alart-da, höküm sür» infrastrukturasyny taýynlady. Munuň adyna-da «Beýik Orta Gündogar maksatnamasy» diýen haý-haýly at goýdular. Deňdeş başlyklary-da bardy.

* * *

Täze Siriýa nähili bolmaly? Haýsy kelle ýurdy gurar? Çörek.

Azatlyk. Deñlik. Doganlyk. Nähili sahypa açylarka?
Daşarky ýüpleri kimiñ elinde bolar we täze Siriýada kimiñ düwmeleri kimiñ iligine düwmelener. Görübermeli bolar.

* * *

Damasky eýeläp Esad diktaturasyny agdaranlar häzirlikçe rus harby bazalaryna batyrynmadylar. Siriýanyñ Stambuldaky konsullygynyñ baýdagy üýtgedildi. Ýeñilen döwrüñ iki ýyldyzly baýdagy düşürildi, ýeñenleriñ üç ýyldyzly baýdagy asyldu. Türkiýä sygynan siriýalylar Stambulda, Şanlyurfada, Gaziantepde, Kilisde köçelere dökülip, begençli çykyşlary etdiler.

* * *

«Beýik Orta Gündogar» maksatnamasy – soñky sahnasy Siriýada oýnalan mezhepleriñ we halklaryñ biri-birleri bilen garpyşdyrma meýilnamasydy. Türkiùe bilen Siriýa hem goñşy, hem GAP sebitiniñ suwlary bilen et we dyrnak ýaly bir geografiki zonanyñ iki ýurdy. Täze döwür başlanarmyka? Başlansa nämä meñzär? Adyna näme diýler? Taliban bize goñşy boldy. Göreris-dä…

Nejati DOGRU.

«SÖZCÜ» gazeti, 09.12.2024 ý. Publisisistika